# Hudaý bar bolýan bolsa, munça erbetlik nirden çykýar?

Category: Filosofiýa,Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Hudaý bar bolýan bolsa, munça erbetlik nirden çykýar? HUDAÝ BAR BOLÝAN BOLSA, MUNÇA ERBETLIK NIRDEN ÇYKÝAR?



*Darygyberýän pursatlarymda okamaga gowy şygyr, hekaýa, roman, diñlemäge aýdym ýa-da görmäge kinofilm gözläp başlaýaryn, iñ bolmanda ýekeje aforizm…*
Sizi bilmedim welin, men-ä soñky döwürler halys ýadapdyryn, söýgüli okyjylar. Edil ýöne içim-daşymy gurum basyp barýan ýaly.
Ýollarda haýsydyr bir it bilen pete-pet bolanymda, ondan utanjyma nirä gaçyp sypjagymyñ pikirini edýärin.
Älemi paýlaşyp oturan jandarlarymyzyñ biri bolan itler häzir özleriniñem bihabar gyrgynçylygynyñ didiwanyna mündürildiler.
Her giden ýerimde adamlar nyrhlaryñ keýgiñ şahyna çykanlygyndan we durmuşda ýaşar ýaly bolmanlygyndan zeýrenýärler.

Hawa, şuña meñzeş gürrüñler hemişe-de bolardy, ýöne häzir düýbünden başgaça: indi dünýäde añsat duş gelinmejek tizlikde garyplaşyp barýarys we maddy hal-ýagdaýymyzyñ ýaramazlaşmagyny aýlar-ýyllar bilen däl-de, günler bilen ölçäp bolýar.
Problemalaryñ sakasy ortada güberilip dur. Ykdysadyýetiñ «y» harpyndan şermende hökümetiñ eýelän ýurdy bilen eden işlerini-de bilýäris: adama, haýwanlara, tebigata gönükdirilen haýsydyr bir söýgi ýa-da jogapkärçilik düşünjesiniñ ýokdugyny-da.
«Az-kem sabyr edeliñ, ýakynda hemme zat gowy bolar» diýer ýaly ýagdaýymyzam ýok, dogrusy. Oppozisiýa şunça tapgyrlardan geçensoñam, şindizem ýeterlik ynam döretmekden ejiz gelýär, mundan soñam döredip biljegi belli däl.
Ýurt şeýle, eýse dünýäniñ ahwaly şundan gowumy? Elbetde, gowy däl.
Ýadadyk. Menem ýadadym. Dynç alyş çykaýsammyka? Belkäm ruhum biraz ýeñlär, emma tonnalarça agyrlygyñ gramlar bilen ýeñlemegi meni halas edip bilermikä?
Näme etmeli?
Şular ýaly darygyberýän pursatlarymda okamaga gowy şygyr, hekaýa, roman, diñlemäge aýdym ýa-da görmäge kinofilm gözläp başlaýaryn, iñ bolmanda ýekeje aforizm…

* * *

Taryhyñ garañky döwürleriniñ biri. Adamlar adamkärçiligini, adam sypatyny ýitiripdir. Açgözlikden ýaña agyzlary ýetse iki eginleriniñ etini iýjek derejede pälleri azypdyr. Olaryñ maksady ýer ýüzüniñ nazy-nygmatlaryndan mümkingadar peýdalanmak, bir zady bolan ikini, iki zady bolan üçini, üçi bolan ondanam gowsuny isleýär.
Baýy-da, garyby-da diñe öz bähbidini araýar. Bähbit üçin edilmeýän jenaýat ýok. Ogurlyklar we agyr jenaýatlar ýetjek derejesine ýeten. Gyz çagalar bir bölek etiñ deregine satylýar.
Söýgi ýok, dost-doganlyk ýok, bagtyýarlyk ýok. Ýigrenç, duşmançylyk we gara nebis bar.
Haos gitdigisaýy ulalyp barýar.

Belki-de, adamzat ýok edilmäge mynasyp sepgide gelip ýetdi.

* * *

Edil şol wagtam hudaý Nuha möhüm tabşyryklarynyň birini berýär: Hemme zady (we arasynda çagalardyr ýaşlaryňam bolan «Hudaýyň ynamyndan gaçan adamlary») syryp-süpürip ýok etjek Uly tupandab käbir janly-jandarlary halas etmegi we has soňra olar bilen birlikde ýer ýüzündäki ýaşaýşyň täzeden başlamagyny ýola goýmaly.
Nuh we onuň maşgalasy az salynda ýasan äpet gämisi bilen ähli haýwanlardan bir jübüt alyp ýola çykýar. Yzda galanlar suwuň aşagynda galyp ölmeli bolupdyr.
Birnäçe aý geçenden soň gämi bir dagyň depesine gelip durýar (bir ynanja görä Agry dagyna, ýene bir ynanja görä Judi dagyna).
Eýse mundan soň ýer ýüzünde asudalyk we bagtyýarlyk höküm sürermikä? Indi erbetlikler geçmişde galdymyka?
Ilkinji adamlar hökmünde kabul edilen Adam ata bilen How enäniň körpe ogly Kabyly öldüren uly ogly Kabyldan («taryhyň ilkinji gandary») döränlerden, olaryň agressiýalaryndan we erbetliklerinden arassalandymy?

* * *

Aradan müňlerçe ýyl geçdi.
Ýokardaky sowallara siziň özüňiz jogap beriň.
Ilkinji asyrlardaky adamlaryň aklyna-huşuna gelmehek tehnologiki ösüşlerden peýdalanma bagtyna eýe bolan biz we häziriň adamlary eden-etdilikden we ýaramazlyklardan arassalandykmy? Ýa bolmasa…
2024-nji ýylyň Türkiýesine seretseňizläň! Içimizde üýşen ýigrenje, göwnümize ýaramaýana zyýan ýetirme we ony ýok etme arzuw-islegine, agressiýanyň her dürlüsine (fiziki, jynsy, psihologiki, ykdysady we ş.m.) meýilli bolmagymyza!
Hem göz-görtele diýen ýaly erbetliklerimizi köpeltmegimize, ýaryşdyrmagymyza! Gün geçdigisaýy ýüreklerimiziň hasam garalmagynyň öňüni almaýanlygymyza!

Özüni jedeli edilmesiz derejede hormat-sylagly, dogruçyl, ar-namysly, ýagşy gylyk-häsiýetiñ nusgasy saýýan her birimiziñ içinde nähili mahluklar gizlenip ýatyrka, eýse?
Statistiki görkezijilerde ýurduñ türmelerinde jenaýatlardan ogurlyklara deñiç birgiden etmişi edendigi sebäpli oturan adamlar barada birtopar maglumatlart tapyp bilýäris.
A daşardakylaryñ gizlin etmişleri? Iñ azyndan etmişe meýillilikleri, «ýüzüñi ýere salyjy» hereketleri we pikirleri? Bular boýunça hiç hili statistiki maglumat ýok…




* * *

Elmydama başgalary günäkärläp, özüñi süýtden çykan ak çemçe

ýaly görmek hiç bir meseläni çözüp bilmeýär.
Ýañrap rahatlamak däl-de, hakykatdanam bir zatlara düşünmek we öñe gitmek niýetiñ bar bolsa, ilki aýna ünsli sereymek gerek.
Agressiýa we ýigrenç diñe biziñ ýigrenýän adamlarymyzdan we şertlerimizden ýaýramaýar, biziñ öz içimizde-de usullyk bilen şineläp, wagtyñ geçmegi bilen gol-pudak ýaýýar.
Bolýa-la, gep uzaldyp oturmaýyn.
Ýakynda öñ çykarylan kinofilmleriñ birine täzeden tomaşa etdim. «Nuh: Uly Tupan».
Baş rollarda Rassel Krow, Žennifer Konnelli, Antoni Hopkins ýaly meşhur aktýorlaryñ oýnan çeper filminiñ režissýory Darren Aronofskiý.
Men kino tankytçysy-da däl, taryhçy-da däl, ylahyýetçi-de däl, ýa bolmasa filosofiýany öwreniji-de däl. Kinofilmiñ üstünde durup geçmek ýaly maksadymam ýok. Diñe oña tomaşa edip durkam gursagymdaky garañkylygy dagadyp biljek ýagtylyk, çykalga, jümle gözledim.
Adam atadan soñky onunjy arka saýylýan Nuhuñ döwründäki agressiýany we erbetlikleri biziñ günlerimiz bilen deñeşdirmäge synanyşdym.

* * *

Grek filosofy Epikuryñ meşhur soragyny köpiñiz eşden bolsañyz gerek:
«Älemde Hudaý bar bolýan bolsa, munça erbetlik nirden çykýar? Nämüçin Hudaý erbetlige ýol berýär?»
Oña garşy çykanlaryñ jogabyny-da eşdenleriñiz bardyr hökman:
«Älemde Hudaý ýok bolsa, ýagşylyk näme üçin bar onda? Rast, ýagşylyk barmy, onda Hudaý hem bar!»
Bu soragy we jogaby menem täzeden seljermäge synanyşdym. Bu gezek betbagtçylykdan halas bolmak üçin Nuhuñ gämisi ýaly bir zady tapyp bolmajakdygyny pikir etdim. Adamlaryñ bigünä gatlagy bolan çagalara we adamlaryñ iñ uly eden-etdiliginiñ gurbany bolan haýwanlara, ösümliklere, tebigata gynandym. Umytsyzlygym ýene bir gezek umydymyñ üstüni basdy.

Hakan AKSAÝ.

@AksayHakan
aksayhakan@gmail.com

«T24» internet gazeti, 27.07.2024 ý. Publisistika